# Ýol rowaýaty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýol rowaýaty

ÝOL ROWAÝATY

Içi naz-nygmatdan ýumşak küpede,
Atylyp dört sekä ýassykdyr düşek,
Ýaýkanyp barýardy keýpi-sapada
Birje şahyr bilen üç sany eşek!

Üç eşek diýýänim üç süňküz ülpet,
Burunlary göm-gök melgunlar kileň.
Eşeklik lakamy bolsa-da erbet,
Söýgüli lakamy ekeni olaň!

Üç eşek üç ýol guýansoň meýi,
Söz sözledi eşekleriň epeýi:
– Eşek dostlar, geliň bir zat edeliň,
Şu lakamy şu oturan bilbile
Neneňsi ýol bilen, niçik gün bile
Alanmyzy aýdalyň!

– Men çaparman eşeklerden bolar men, –
Diýip, şondan kiçi eşek seslenen, –
– Pul görsem ýüwürdim, agzymy urdum,
Üç maşyn edindim, iki jaý gurdum,
Guýrukly, gulakly eşegem bolsam,
Palta däl, gylyjam kesenok murtum!

– Men öpermen eşeklerden bolar men, –
Diýip, onsoň ortanjysy seslenen:
– Görmedim men bu dünýäniň peýanyn,
Talak hatyn berdim dokuz aýalyň,
Kiçi gyzy ýetişýänçä ýegenmiň,
Onunjysyn alyp kowmak hyýalym!

– Biz depermen eşek bolup gezer biz,
Özümizden akyllyny pyzar biz,
Şondan ötri edarada han bolup,
Otuz ýyllap bal kölünde ýüzer biz, –
Diýip, uly eşek şahyra bakan
Hem-de gaññasyny garnyna çeken:

– Görýärmiñ, bilbilim, seniñkem gelen
Barýarsyñ bir geñsi eşekler bilen,
Birje bulgur göterdäni ýenem, dost,
Eşek bolan bolaýsana senem, dost! –
Diýeninden otly eýmenç şakyrdap,
Üç eşek üç ýerden berdi pakyrda!

Şahyr şonda sylyp alyn derlerin,
Bulguryn dolduryp, golun giñ geren:
– Gadyrdan eşekler, eziz harlarym! –
Diýip, olañ teklibine ten beren:
– Öñi-soñy eşek bolmaly bolsam,
Bu ajap lakamy almaly bolsam,
Onda, gadyrdanlar, şu günden şeýläk
Täze lakamymy beýnide eýläp,
Gerşimi ýandyryp ýalnyna taryñ,
"Eşegi" bolaýyn şabram dutaryñ!..

Eşekler añk bolup şahyra bakan,
Ýöne otly eýýäm wokzalda eken..

Annaberdi AGABAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy.

Goşgular